**Bäherden etrabynyň çäginde ýerleşýän kärhanalaryň, guramalaryň, edaralaryň hem-de hususy telekeçileriň, şeýle hem etrabyň ýaşaýjylarynyň dykgatyna!**

Ahal welaýatynyň Zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi müdirligi, Bäherden etrabynyň zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi bölümi 2025-nji ýylyň 16-njy aprelinde Bäherden etrabynyň Bäherden şäheriniň Aşgabat-Türkmenbaşy garaýolunyň 100-nji kilometrliginde ýerleşýän Medeniýet bölüminiň edara binasynda sagat 10:00-dan 13:00-a çenli boş iş orunlarynyň ilata hödürleniş çäresini geçirýändigini habar berýär!

Kärhanalaryň, guramalaryň, edaralaryň hem-de hususy telekeçileriň, özlerindäki boş iş orunlary baradaky maglumatlary bilen bilelikde agzalan çärä wekilleriniň gatnaşmaklaryny üpjün etmeklerini;

Işe ýerleşmek isleýän raýatlaryň bolsa şahsyýetini tassyklaýan resminamasy, eger bar bolsa, zähmet depderçesi hem-de hünärini tassyklaýan resminamasy bilen agzalan çärä gatnaşmaklaryny haýyş edýäris.

**Çäräniň geçiriljek ýeriniň salgysy:**

Bäherden etrabynyň Bäherden şäheriniň Aşgabat-Türkmenbaşy garaýolunyň 100-nji kilometrliginde ýerleşýän Medeniýet bölüminiň edara binasy.

**Habarlaşmak üçin:**

+993131 23-0-52